# Ýeke jaý-da ýykylmady, ýeke adamam ölmedi!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýeke jaý-da ýykylmady, ýeke adamam ölmedi! ÝEKE JAÝ-DA ÝYKYLMADY, ÝEKE ADAMAM ÖLMEDI!




***Munisipalitet başlygynyñ «Asla rugsat bermedim!» sözi 1999-njy ýyldaky ýer titrmesinde abat galan Tawşanjili ýatlatdy…***
Kahramanmaraşda emele gelen ýer titremesi 21 müñ adamyñ ölmegine, müñlerçe jaýyñ ýykylmagyna getirdi. Iñ agyr ýykgynçylygy başdan geçiren Hataýda daş üstünde daş galmasa-da, welaýatyñ Erzin etrabynyñ munisipalitet başlygy Ökkeş Elmasogly etrapda ýekeje-de bikanun gurluşyga ýol bermändigini nygtanda, başlygyñ aýdanlary Göljük ýer titremesinden şikessiz çykan Tawşanjili ýatlatdy.



Iki uly ýer sarsgynynyñ orra-ortasynda ýerleşendigine garamazdan, 50 müñe golaý adamyñ ýaşaýan Hataýyñ Erzin etrabynda ýeke jaý-da ýykylmqdy. Osmaniýä 15, Iskenderuna 55,

Marana 150, Hataýa 110 km uzaklykda ýerleşen Erzin etrabynda Kahramanmaraş episentrli 7.7 we 7.6 ball magnitudaly ýer titremelerinde ýeke ýaralananam, aradan çykanam bolmady. Etrapda ýeke binanyñ ýykylmandygy 1999-njy ýylyñ Göljük ýer titremesinde ýykylman galan ýer bolan Kojaeli welaýatynyñ Dilowasy etrabynyñ Tawşanjil posýologyny ýatlatdy.




**• BIKANUN GURULJAK JAÝA RUGSAT ÝOK!**

Erzin munisipalitetiniñ başlygy, adwokat Ökkeş Elmasogly bu boýunça beren beýanatynda «Meniñ döwrümde birnäçe dogry işleri etmäge jan etdik. Çat açan binalarymyz bar, ýöne kem-käsleýin ýa-da doly ýykylan jaýlarymyz ýok. Iki gezek uludan ýer titredi. Bizem ýer titremesini maşgala bolup başdan geçiripdik. Gazap gelipdi, eýläk-beýläk yrandyk durduk. Hiç gutararly däldi…

Birinji gezek saýlananymdan soñ hiç bir ýagdaýda bikanun gurulýan jaýlara ýol bermejek boldum. Menden öñem gurlan jaýlar bar eken. Ersiniñ abat galmagy o diýen ähmiýetlem däl. Bu betbagtlygyñ ýetiren zyýanynyñ yzyny düzlemek kän wagta çeker. Aklawjy we ýolbaşçy hökmünde jemgyýete seslenmek isleýärin. Biziñ bu zatlardan almaly kän sapaklarymyz bar. Nädende, kiçi, ýöne şikesi ýok jaýlary gurup bileris? Jemgyýet bolup, döwlet bolup añ-düşünjämizi özgertmek gerek. Saýlanan badyma daşkynrak garyndaşymyñ öýüni möhürledim. Ol maña: «Ýurdy düzedýändirin öýdýäñmi?» diýip, öýkeli igendi. Ine, biziñ jemgyýetimiz şular ýaly düşünjede. Her kimiñ kürsini elinde saklaýan syýasatçy, degişli ýolbaşçy garyndaşlarynyñ arkasyndan towguna tok diýdirmän ýaşasy gelýär. Biz kanunlary berjaý etmedigimizçe, düzgün-tertibe eýermedigimizçe şeýle tragediýalar gaýtalanar durar. Sensitive edaralaryñ talabyna

laýyk gelýän sagdyn binalary gurýan ýurt bolmak gerek» diýdi.




- **«Hiç kime eglişik etmeli däl!»**

Günä geçişlikleriñ gereginiñ ýokdugyny aýdýan Elmasogly: «Günäm geçiler tamasy bilen bikanun jaýlary gurýardylar. Baryp möhürläp gaýdýañ, ýykýançañ ep-esli wagtyñy alýar. «Bikanun jaý gursam, döwlet meniñ jaýymy ýykar, gaýdyp jaý gurdurmaz» pikiri bolmaly. Añymyzy özgertmeli ilki. Bu diñe munisipalitet başlygyñ çözjek işi däl. Biziñ bildirilýän talaplara eýermegimiz gerek.

Jemgyýetçilik taýdan alanda gurluşyk firmalary-da jogapkärçilikli çemeleşdi. Özbaşdak gurluşyñ ösen etrabynda ýaşaýarys. Geologiki etýudyñ we gurluş gözegçiliginiñ talabalaýyk däldigini bilýärin. Berk ýer bilen gorýan ýeriñ arasynda statistiki taýdan birnäçe zatlar bolmaly» diýdi.




- **Tawşanjili ýada saldy**

Hataýyň Erzin etrabynda ýer titreme zerarly ýeke binanyňam ýykylman galmagy 1999-njy ýylyň 17-nji awgustyndaky Göljük ýer titremesinde ýykylman galan ýeke ýer bolan Tawşanjil posýologyny ýada saldy. Şolar ýaly uly ýer titremede aýlag sebiti ýer bilen ýegsan bolsa-da, Tawşanjil ýer sarsgynynyň orra-ortasynda ýerleşendigine garamazdan abat galmagy şäher-gurluşyk meýilnamasynyň talaplaryna laýyk gurlan şäherçäniň ýeke binasynyňam ýykylmazlygy dillere dessan bolupdy.



Tawşanjil 1989-njy ýylda munisipalitet başlyklygyna saýlanan Salih Günüň alymlar bulen bile taýýarlan gurluşyk meýilnamasy esasynda gurlansoň, başbitin abat galypdy. Şäherçäniň

ýaşaýjylary «Ol ýer titremezden öň öýüniň üstüne ýene bir gat salmak isleýänleriň birine-de, hatda kakasyna-da rugsat bermändi» diýip ýatlaýarlar.
11.02.2023 ý.

© Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Publisistika